Poçtanyň taryhy habarlary geçirmek üçin primitiw ulgamlardan häzirki zaman sanly poçta hyzmatynyň döremegine çenli yzygiderli ösüşi bilen gyzyklydyr.

Müňýyllyklaryň dowamynda adamlar uzak aralyklara habar geçirmek üçin ses we wizual signalary – deprek sesleri we uly odundan çykan tüsse ulanypdyrlar. Tam-tamlar henizem käbir afrikaly taýpalar tarapyndan aragatnaşyk üçin ulanylýar.

Adamzat taryhynda aragatnaşygyň ösmeginiň indiki ädimi ilki pyýada, soňra bolsa atly habarçylary ulanmak boldy. Mesopotamiýada, Müsürde, Gresiýada, Parsda, Hytaýda we Rim imperiýasynda gowy ýola goýlan poçta aragatnaşygy bardy: ýazmaça habarlary kurýerler estafeta ýörelgesi boýunça öňünden kesgitlenen ugurlar boýunça geçirýärdiler. Gündogar Rim imperiýasynda döwlet poçtasy biziň eýýamymyzyň birinji müňýyllygynyň ortalaryna çenli dowam edipdir.

Orta asyr Ýewropasynda poçta täzeden ösüp başlady, bu bolsa şa kurýerleriniň kömegi bilen boldy. Paralel ýagdaýda monastyr we uniwersitet poçta aragatnaşygy hem bardy.

Häzirki zaman merkezi poçta Ýewropada döwlet häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen döredi. 1464-nji ýylda Fransiýanyň şasy Lýudowik XI şa kurýerleriniň gullugyny döretdi. Tutuş ýurt boýunça poçta atlaryny çalyşmak üçin stansiýalar ulgamy döredi.

Demir ýollaryň we telegrafyň peýda bolmagy bilen poçta gulluklarynyň işi ep-esli çaltlaşdy. 1820-nji ýylda Angliýanyň Braýton şäherinden kagyz söwdagäri tarapyndan konwert oýlanyp tapyldy. 1840-njy ýylda Beýik Britaniýada ilkinji poçta markasy – “Gara penni” girizildi, bu bolsa hatlary ibermek prosesini ýönekeýleşdirdi we çaltlaşdyrdy. XX asyrda howa poçta gatnawlary peýda boldy, bu bolsa eltip bermek wagtyny has-da azaltdy.

Häzirki zaman poçtasy diňe bir adaty hatlary, açykçalary we bukjalary ibermek bilen çäklenmän, eýsem elektron habarlary alyşmagy hem öz içine alýar. Poçta gulluklarynyň sanlylaşdyrylmagy adamlara maglumatlary diýen ýaly derrew ibermäge we almaga mümkinçilik berýär. Bu aragatnaşygyň möhüm tarapy bolup, aragatnaşyk tehnologiýalarynyň çalt ösýän döwründe ösmegini dowam etdirýär.

Häzirki zaman halkara poçtasy 6800 dilde gürleýär we dünýäde habarlary fiziki taýdan eltip bermek boýunça iň uzyn ulgamy emele getirýär. Dünýäde 1,5 milliarddan gowrak adam – planetanyň ulularynyň takmynan üçden biri – poçta arkaly tölegler we pul geçirimleri ýaly esasy maliýe hyzmatlaryna elýeterlilik alýar. Dünýä boýunça 650 müň bölüm we 5,3 million işgärden ybarat ulgamyň kömegi bilen halkara poçtasy ähli ýerde we hemmelere hyzmatlary bermek ukyby boýunça deňi-taýy ýok.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024

2015-nji ýylda dünýä ýurtlary durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin bilelikde işlemek borjuny öz üstüne aldylar, bu maksatlar garyplygy we açlygy ýok etmäge, adalatsyzlyga we deňsizlige garşy göreşmäge we howanyň üýtgemegine garşy durmaga gönükdirilendir. Bu global tagallalara goşant goşmak bilen, poçta häzirki wagtda hiç haçan bolmadyk ýaly möhüm rol oýnaýar, maglumat alyşmak üçin ygtybarly infrastruktura, şeýle hem ykdysady we sosial ösüş üçin mümkinçilik berýär.

Все права защищены